Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2011-nji ýylyň «_25_» _март
559_san bilen bellige alyndy

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň II bölegi bilen bellenilen salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmeleri tassyklamak barada» Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2011-nji ýylyň 10-njy martynda çykaran 13-Ö belgili we Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 10-njy martynda çykaran 26 belgili buýruklary

**Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2011-nji ýylyň 10-njy martynda çykaran № 13-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 10-njy martynda çykaran № 26 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň II bölegi bilen bellenilen salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmeler

## I. Umumy düzgünler

1. Salgytlary hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň II bölegi bilen bellenilen salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça şu Usuly görkezmeleri (mundan beýläk – Usuly görkezmeler) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 30-njy, 72-nji, 107-nji, 111-nji, 112-nji, 127-nji, 128-nji, 146-njy, 176-njy, 180-nji, 195-nji, 197-nji, 198-nji, 199-njy, 200-nji maddalarynyň talaplaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

## II. Goşulan baha üçin salgyt

2. Goşulan baha üçin salgydy hasaplamak we tölemek maksady üçin salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň şu görnüşleri bellenilýär:

**goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannama** – şu Usuly görkezmelere № 1 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynda görkezilen salgyt töleýjiler-edara görnüşli taraplar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 111-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 11-nji, 35-38-nji setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 15-nji we 16-njy setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 100-nji we 101-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 101-nji maddasynyň 14-nji bölegine laýyklykda, hasabat döwründe salgyt özeni şol döwürde Türkmenistanyň Hökümetiniň Daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberinde azaldylmaga degişlidir, şol sebäpli-de beýannamanyň 15-nji setiriniň görkezijileri şeýle azaltmaklygy hasaba almak bilen doldurylýar;

5) 17-nji we 18-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 102-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) 23-28-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 110-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

**hususy telekeçiler üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannanama** - şu Usuly görkezmelere № 2 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynda görkezilen hususy telekeçi bolup durýan salgyt töleýjiler – şahsy taraplar «Salgytlar hakynda»

Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 111-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 8-nji, 12-17-nji (5-nji sütün boýunça), 28-30-njy, 32-35-nji setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 12-nji we 13-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 100-nji we 101-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

5) 14-nji we 15-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 102-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) 20-25-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 110-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

**Türkmenistanyň dahylsyzy bolan taraplaryna tölegleri töleýän taraplar tarapyndan goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen möçberleri hakynda hasabat** – şu Usuly görkezmelere № 3 goşundy.

Hasabatyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 108-nji maddasyna laýyklykda salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 111-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt hasabatyny berýärler;

2) hasabat basma harplarynda doldurylýar we hasabatyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) hasabatyň 14-nji, 24-27-nji setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 4-nji sütün boýunça 17.1–17.9-njy setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 100-nji we 101-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

5) 5-nji sütün boýunça 17.1–17.9-njy setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 103-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) hasabatyň 21.1–21.9 setirlerinde goşulan baha üçin salgydyň tutulyp alynmandygynyň sebäpleri görkezilýär (eger-de amal salgyt salynýan diýip hasaplanmasa; salgyt salynýan amal Türkmenistanyň çäginde amala aşyrylan diýip hasaplanmasa; ýeňillik bellenilse; nol salgyt möçberi bellenilse we ş.m.). Işler (hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrylanda, bu bolsa ondan salgydy tutup almazlyga sebäp bolup durýar, salgyt ýumuşçysy maglumatlar bilen bile aýratyn sahypada Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplar barada şu aşakdakylary görkezip, maglumat bermeli:

Türkmenistanyň dahylsyzy bolan bolan edara görnüşli taraplaryň doly ady (bu bolsa, hasabatyň 1-nji sütüniň 21.1-21.9-njy setirlerine laýyk bolmaly);

hususy salgyt belgisi;

Türkmenistandaky şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň hukuk salgysy;

dahyllysy bolup durýan ýurdyndaky hukuk salgysy;

telefon;

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2006-njy ýylyň 15-nji fewralynda çykaran № 08-Ö buýrugy bilen tassyklanylan hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň 17-nji fewralynda № 371 bilen bellige alnan, Salgyt töleýji hökmünde şahsy taraplary we edara görnüşli taraplary hasaba goýmak hakynda Usuly görkezmelere № 10 ýa-da № 11 goşundylara laýyklykdaky görnüş boýunça edara görnüşli taraplary salgyt babatda hasapda goýmak hakyndaky Şahadatnamanyň göçürme nusgasy.

Görkezilen maglumat salgyt ýumuşçysynyň wezipeli tarapynyň goly bilen tassyklanýar.

Daşary ýurtly edara görnüşli taraplar baradaky maglumatlary beýan etmek üçin setirler

ýetmezçilik eden mahaly hasabata bellenen görnüş boýunça goşmaça sahypalar goşulýar.

Eger-de hasaplaşyklaryň daşary ýurt pulunda geçirilmegini belleýän gurluşyk, gurluşyk-gurnaýyş işleri we hyzmatlary etmek boýunça şertnama laýyklykda buýrujynyň «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 22-nji maddasynyň 1-nji böleginiň «g» bölümi bilen bellenilen, potratçynyň salgyt boýunça bergileriniň hasabyna salgydy tölemek boýunça hukugyny goşmak göz öňünde tutulýan bolsa, onda muňa goşulan baha üçin salgyt tutulmazlygynyň esasy hökmünde garalyp bilner;

**hasaplaşylýan goşulan baha üçin salgydyň we şeýle hasaplaşylmaga alynmaýan salgydyň pul möçberleriniň hasaplamasy** – şu Usuly görkezmelere № 4 goşundy.

Hasaplamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynda görkezilen salgyt töleýjiler tarapyndan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 111-nji maddasyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannamany bermeklik bellenilen möhletlerde salgyt hasaplamasy berilýär;

2) hasaplama basma harplarynda doldurylýar we hasaplamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) hasabatyň 14-nji, 29-njy, 30-njy setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 2-nji sütüniň 20-nji setiriniň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 100-nji we 101-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

5) 2-nji sütüniň 21-nji we 22-nji setirleriniň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 96-99-njy maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) 18-nji setir boýunça görkeziji «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 110-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda hasaplanýar;

7) goşulan baha üçin salgyt boýunça Beýannamanyň (Usuly görkezmeleriň № l goşundysy) 24-nji we 26-njy setirlerine, şeýle hem hususy telekeçiler üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça Beýannanamanyň (Usuly görkezmeleriň № 2 goşundysy) 21-nji we 23-nji setirlerine girizmek üçin 26-njy setir boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi degişli ölçeglilikle bölünýär;

**salgyt hasap-faktura** – şu Usuly görkezmelere № 5 goşundy;

**salgyt hasap-fakturalary hasaba alynýan kitap** – şu Usuly görkezmelere № 6 goşundy;

şerekete gatnaşyjylaryň salgyt hasabynda goýulan ýeri boýunça salgyt gulluklaryna görkezmeler: **bilelikdäki işe (şerekete) gatnaşyjylar tarapyndan salgydyň tölenilşine gözegçiligi bellemek barada görkezme** – şu Usuly görkezmelere № 7 goşundy we **bilelikdäki işe (şerekete) gatanşyjylaryň salgydy tölemekleri barada görkezme** – şu Usuly görkezmelere № 8 goşundy. Görkezilen görnüşler zerur halatlarda salgytlaryň beýleki görnüşleri üçin hem ulanylýar;

**goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan we tölenmäge degişli pul möçberi hakynda habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 9 goşundy.

2.1. Şular dykgata ýetirilýär:

**harytlar daşary ýurda iberilende we daşary ýurtdan getirilende gytaklaýyn salgytlary almagyň meseleleri boýunça halkara Ylalaşyklary baglaşylan hem-de hereket edýän ýurtlaryň sanawy** – şu Usuly görkezmelere № 10 goşundy;

**goşulan baha üçin salgyt babatdaky halkara Ylalaşyklarynyň düzgünleri** – şu Usuly

görkezmelere № 11 goşundy.

## III. Goşmaça töleg

3. Goşmaça tölegleri hasaplamak we tölemek maksady üçin salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň şu görnüşleri bellenilýär:

**goşmaça tölegler boýunça beýannama** – şu Usuly görkezmelere № 12 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 114-nji maddasynda görkezilen salgyt töleýjiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 128-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 15-nji, 32-35-nji setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 18.1-18.9-njy setirleriň 2-nji we 3-nji sütünleri boýunça görkezijiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 117-nji we 122-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenýär;

5) 18.1-18.9-njy setirleriň 4-nji we 5-nji sütünleri boýunça, şeýle-de 24-nji we 25-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 118-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenýär;

6) 18.1-18.9-njy setirleriň 7-nji sütüni boýunça görkezijiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 119-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenýär;

7) 22-nji we 23-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 126-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenýär;

**goşmaça töleg tölenýän harytlar boýunça salgyt hasap-faktura** – şu Usuly görkezmelere № 13 goşundy;

**goşmaça töleg tölenýän harytlar boýunça salgyt hasap-fakturalary hasaba alynýan kitap** – şu Usuly görkezmelere № 14 goşundy.

## IV. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt

4. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamak we tölemek maksady üçin **ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça beýannama** bellenilýär – şu Usuly görkezmelere № 15 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 129-njy maddasynda görkezilen salgyt töleýjiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 137-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 15-nji, 36-39-njy setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 2-nji we 3-nji sütünleriň 18.1-nji we 18.2-nji setirleriniň, şeýle hem 2-nji we 3-nji sütünleriň 22.1-22.9-njy setirleriniň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 131-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

5) 4-nji we 5-nji sütünleriň 18.1-nji we 18.2-nji setirleriniň, şeýle hem 4-nji we 5-nji sütünleriň 22.1-22.9-njy setirleriniň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi

kanunynyň 132-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) 18.1-nji we 18.2-nji setirleriň 7-nji sütüni boýunça salgyt möçberleri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 133-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

7) 26-njy setir boýunça görkezijiler 25.1-nji setirden 25.9-njy setir aralygyndaky setirleriň her bir sütüni boýunça görkezijileriň möçberi hökmünde kesgitlenýär;

8) 30-njy setir boýunça görkeziji 29-njy setiriň 2-nji sütüninden 8-nji sütüni aralygy boýunça görkezijileri goşmak arkaly kesgitlenýär.

## V. Emläk üçin salgyt

5. Emläk üçin salgydy hasaplamak we tölemek maksady üçin salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň şu görnüşleri bellenilýär:

**emläk üçin salgyt boýunça beýannama** - şu Usuly görkezmelere № 16 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 138-nji maddasynda görkezilen salgyt töleýjiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 145-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 11-nji, 30-33-nji setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 15-nji, 16-njy we 17-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 139-njy we 140-njy maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

5) 18-nji setiriň görkezijisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 143-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) 23-nji setiriň görkezijisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 141-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

7) emläk üçin salgydyň beýleki döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenilen möçberleri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 146-njy maddasynyň düzgünlerini nazara almak bilen, emläk üçin salgyt boýunça Beýannamanyň 26-njy setiri boýunça görkezilýän möçbere goşulýar;

**emläk üçin salgydyň Türkmenistanda tölenendigi barada tassyknama** – şu Usuly görkezmelere № 17 goşundy.

Tassyknama salgyt töleýjiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň arzasynyň esasynda iki nusgada ýazylýar. Olaryň birinjisi arzaça berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar.

Salgyt töleýjiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň arzasynyň berilen gününden soň 10 gün möhletden gijä galman, tassyknama salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan berilýär. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, arzaça şol möhletde ýazmaça habar iberilýär;

**iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, Türkmenistanyň dahylsyzy bolan - edara görnüşli taraplary emläk üçin salgytdan boşatmak barada arza** – şu Usuly görkezmelere № 18 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arzanyň 1-9-njy we 11-nji bölumleri edara gornuşli tarap – arzaçy ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekili tarapyndan doldurylýar;

2) arzanyň 10-njy we 12-nji bölümleri arzanyň berilen ýeri boýunça Türkmenistanyň salgyt

gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

3) arza iki nusgada düzülýär, olaryň birinjisi arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline gaýtarylyp berilýär, ikinjisi bolsa arzaçynyň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Arza salgyt gullugynyň edarasyna berilen gününden soň 10 güniň içinde seredilýär. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline şol möhletde ýazmaça habar iberilýär;

**iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, Türkmenistanyň dahylsyzy bolan - edara görnüşli taraplara emläk üçin salgydy gaýtaryp bermek üçin arza** – şu Usuly görkezmelere № 19 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arzanyň 1-10-njy we 12-nji bölümleri edara görnüşli tarap – arzaçy ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekili tarapyndan doldurylýar;

2) arzanyň 13-nji bölümi arzaçynyň dahyllysy bolup durýan ýurdyndaky ygtyýarly edarasy tarapyndan doldurylýar. Görkezilen bölüm özleri barasynda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan aýratyn habar berilýän ýurtlaryň ygtyýarly edaralary tarapyndan doldurylmaýar;

3) arzanyň 11-nji we 14-nji bölümleri arzanyň berilen ýeri boýunça Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) arza iki nusgada düzülýär, olaryň birinjisi arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline gaýtarylyp berilýär, ikinjisi bolsa arzaçynyň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Arza salgyt gullugynyň edarasyna berilen gününden soň 10 gün möhletde seredilýär. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline şol möhletde ýazmaça habar iberilýär.

## VI. Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt

6. Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy hasaplamak we tölemek maksady üçin salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň şu görnüşleri bellenilýär:

**edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannama** – şu Usuly görkezmelere № 20 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 147-nji maddasynda görkezilen salgyt töleýjiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 176-njy maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar, beýannamanyň baha görkezijileri bolsa manatda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlerini amala aşyrýan daşary ýurt edara görnüşli taraplar üçin şu iş boýunça beýannamada 15-32-nji setirlerdäki baha görkezijileri daşary ýurt pulunda (ABŞ-nyň dollarynda) görkezilýär;

3) beýannamanyň 11-nji, 43-46-njy setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 15-nji setiriniň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 149-153-nji, 166-njy, 168-nji, 177-nji 179-njy maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

5) 16-njy, 17-nji, 21-nji we 22-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 171-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) 19-njy we 20-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154-166-njy, 169-njy 177-nji we 179-njy maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär. 19.8-nji setirde beýleki bellenilen aýyrmalar bilen bilelikde, töleýjisi edara görnüşli

taraplar bolup durýan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny bilen bellenilen ýygymlaryň möçberleri hem gorkezilýär.

7) 27-nji setiriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 167-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

8) 31-nji setiriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 170-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

9) Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýan edara görnüşli taraplar edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça Beýannamanyň 36-njy setiri boýunça görkezilýän möçbere peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň beýleki döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenilen möçberlerini goşup bilerler. Görkezilen möçber «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 178-nji maddasynyň düzgünlerini nazara almak bilen kesgitlenilýär;

10) Hususy eýeçilikdäki «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli edara görnüşli taraplar (öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) salgyt beýannamasyny şu aşakdaky aýratynlyklary hasaba almak bilen doldurýar:

salgyt özeni (girdeji) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 171-nji maddasynyň 6-njy böleginiň düzgünlerini hasaba almak bilen kesgitlenýär. Şunda, beýannamanyň 15-nji we 15.1-nji setirlerinde «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 171-nji maddasynyň 6-njy böleginiň üçünji we dördünji tesimlerinde görkezilen girdejileriň möçberleri hem beýan edilýär;

beýannamanyň 19.1-nji, 19.2-nji, 19.5-nji, 19.7-nji, 19.8-nji, 20-nji, 24-nji, 26-njy, 27-nji, 29-njy, 30-njy setirler doldurylmaýar we olarda «X» belgisi goýulýar;

beýannamanyň 31-nji setirinde «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 170-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen hususy eýeçilikdäki (öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli edara görnüşli tarapyň alan girdejisiniň möçberi beýan edilýär. Ýene-de şu setirde «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 171-nji maddasynyň 6-njy böleginiň üçünji-bäşinji tesimlerinde görkezilen girdejileriň möçberleri hem beýan edilýär.

Dürli salgyt möçberleri boýunça peýdadan (girdejiden) alynýan salgyda çekilýän edara görnüşli taraplar, her bir şeýle peýda (girdeji) babatynda aýratynlykda edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannamany düzmelidirler.

Salgyt gullugy, şeýle beýannamalar boýunça salgydyň hasaplanyp ýazylan we tölenen möçberlerini kesgitlemek üçin, salgyt töleýjileriň aýratyn şahsy hasap sahypalaryny ýöredýär;

**oýunly işlerden alynýan girdejiler üçin salgyt boýunça beýannama** - şu Usuly görkezmelere № 21 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 147-nji maddasynda görkezilen salgyt töleýjiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 176-njy maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 15-nji, 30-33-nji setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 19-njy setirden 23-nji setire çenli 4-nji sütün boýunça görkezijiler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 172-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

5) 19-njy setirden 23-nji setire çenli 5-nji sütün boýunça görkezijiler 2-nji, 3-nji we 4-nji sütünler boýunça görkezijileri köpeltmek arkaly kesgitlenýär;

**Türkmenistanyň dahylsyzy bolan taraplaryna tölegleri töleýän taraplar tarapyndan girdejiden alynýan salgydyň hasaplanylan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen möçberleri hakynda maglumat** – şu Usuly görkezmelere № 22 goşundy.

Maglumatyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 174-nji we 180-nji maddalaryna laýyklykda salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 180-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde maglumatlary berýärler;

2) maglumatlar basma harplarynda doldurylýar we maglumatyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar, 3-nji sütüniň 17.1-17.9-njy setirleriniň görkezijilerinden başga;

3) maglumatlaryň 14-nji, 24-27-nji setirleri salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) 3-nji sütün boýunça 17.1 – 17.6-njy setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 174-nji, 177-nji we 180-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda, şeýle hem 149-njy maddanyň 3-nji böleginiň düzgünlerini hasaba almak bilen kesgitlenýär;

5) 6-njy sütün boýunça, 17.1 – 17.6-njy setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 172-nji we 180-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilýär. 10-njy sütüniň 17.1-17.6-njy setirlerinde salgydyň tutulyp alynýan senesi görkezilýär, ol «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 174-nji maddasynyň 1-nji böleginiň we 180-nji maddasynyň 1-nji we 4-nji bölekleriniň düzgünleri bilen bellenilen. Öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan daşary ýurt edara görnüşli taraplar üçin salgyt binýady we salgydyň möçberi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 177-nji maddasynyň düzgünlerini nazara almak bilen kesgitlenilýär;

6) 6-njy sütün boýunça 21.1-21.9-njy setirlerinde girdeji üçin salgydyň tutulyp alynmandygynyň sebäbi görkezilýär (mysal üçin: iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplary peýdadan (girdejiden) alynýan salgytdan boşatmak barada arza – şu Usuly görkezmelere № 24 goşundy; işler (hyzmatlar) Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrylanda we ş.m.). Işler (hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrylanda, bu bolsa ondan salgydy tutup almazlyga sebäp bolup durýar, salgyt ýumuşçysy maglumatlar bilen bile aýratyn sahypada Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplar barada şu aşakdakylary görkezip, maglumat bermeli:

Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplaryň doly ady (bu bolsa, maglumatlaryň 1-nji sütüniň 21.1-21.9-njy setirlerine laýyk bolmaly);

hususy salgyt belgisi;

Türkmenistandaky hemişelik wekilhananyň hukuk salgysy;

dahyllysy bolup durýan ýurdyndaky hukuk salgysy;

telefon;

şeýle tassyknama berlen pursatynda görkezilen şertnama boýunça hyzmatlaryň edilmegi (işleriň ýerine ýetirilmegi) Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän hemişelik wekilhananyň döremegine getirýändigi baradaky we tölenilýän girdeji, ýagny Türkmenistanyň çäklerindäki iş bilen baglanyşykly alnan girdeji şeýle hemişelik wekilhana degişlidigi baradaky salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugynyň ýazmaça tassyknamasy. Şeýle tassyknama salgyt töleýjä onuň salgyt gullugyna ýüz tutan gününden 10 günden gijä galman ol tarapyndan berilýän şu aşakdaky resminamalaryň esasynda berilýär:

işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek üçin şertnamanyň nusgasy. Aýratyn ýagdaýlarda, şeýle şertnamanyň göwrümi uly bolan halatynda, ýerine ýetirilýän işleriň (edilýän hyzmatlaryň) häsiýetini we görnüşini kesgitleýän şertnamanyň düzgünnamalaryndan göçürmeleriň nusgasyny hem bermek mümkin bolar;

gurluşyk meýdançasyny potratça geçirmek baradaky namanyň nusgasy (kömekçi potratçynyň işgärlerine işleri ýerine ýetirmäge rugsat berilýändigi baradaky namanyň nusgasy);

salgyt töleýjiniň salgyt derejesini kesgitlemek üçin gerek bolan onuň gaýry resminamalary ýa-da düşündirişleri.

Görkezilen maglumat salgyt ýumuşçysynyň wezipeli tarapynyň goly bilen tassyklanýar.

Daşary ýurtly edara görnüşli taraplar baradaky maglumatlary beýan etmek üçin setirler ýetmezçilik eden mahaly hasabata bellenen görnüş boýunça goşmaça sahypalar goşulýar;

**edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň Türkmenistanda tölenendigi barada tassyknama** - şu Usuly görkezmelere № 23 goşundy.

Tassyknama düşündiriş:

1) tassyknama salgyt töleýjiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň arzasynyň esasynda iki nusgada düzülýär, olaryň biri arzaça berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar;

2) «Uglewodorod serişdeleri hakynda», Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, peýdanyň (girdejiniň) we salgydyň möçberi daşary ýurt pulynda (ABŞ-nyň dollarynda) görkezilýär, eger-de salgyt şol pulda tölenen bolsa;

3) Salgyt töleýjiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň arzasynyň berilen gününden soň 10 gün möhletden gijä galman, peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň tölenendigi barada tassyknama salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan berilýär. Tassyknamany bermekden ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, arzaça şol möhletde ýazmaça habar iberilýär;

**iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, Türkmenistanyň dahylsyzy bolan - edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgytdan boşatmak barada arza** – şu Usuly görkezmelere № 24 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arzanyň 1-9-njy we 11-22-nji bölümleri edara görnüşli tarap– arzaçy ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekili tarapyndan doldurylýar. Şu ýagdaýlarda arza:

eger-de ol Türkmenistanda salgyt hasabynda durýan bolsa - arzaçynyň salgyt hasabynda goýlan ýeri boýunça; ýa-da

haçan-da arzaçy Türkmenistanda salgyt hasabynda durmaýan halatlarynda - girdejiniň töleglerini töleýän salgyt ýumuşçysy bolup durýan tarapyň salgyt hasabynda goýlan ýeri boýunça berilýär;

2) arzanyň 10-njy we 23-nji bölümleri arzanyň berilen ýeri boýunça Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

3) arza üç nusgada düzülýär, olaryň birinjisi we ikinjisi arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline gaýtarylyp berilýär, üçünjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Arzaçy ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekili arzanyň salgyt gullugy tarapyndan tassyklanylan ikinji nusgasyny salgyt ýumuşçysyna iberýär we iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnamanyň (ylalaşygyň) düzgünlerini ulanmak we salgytdan boşatmak (salgyt möçberini azaltmak) üçin esas bolup durýar. Arza salgyt gullugynyň edarasyna berilen gününden soň 10 gün möhletde seredilýär. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, salgyt töleýjä şol möhletde ýazmaça habar iberilýär;

**iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, tölegleriň çeşmesinden tutulyp alnan, edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplara gaýtaryp bermek üçin arza** – şu Usuly görkezmelere № 25 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arzanyň 1-10-njy we 12-21-nji bölümleri edara görnüşli tarap – arzaçy ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekili tarapyndan doldurylýar. Şu ýagdaýlarda arza:

eger-de ol Türkmenistanda salgyt hasabynda durýan bolsa - arzaçynyň salgyt hasabynda goýlan ýeri boýunça; ýa-da

haçan-da arzaçy Türkmenistanda salgyt hasabynda durmaýan halatlarynda - girdejiniň töleglerini töleýän salgyt ýumuşçysy bolup durýan tarapyň salgyt hasabynda goýlan ýeri boýunça berilýär;

2) arzanyň 22-nji bölümi arzaçynyň dahyllysy bolup durýan ýurdyndaky ygtyýarly edarasy tarapyndan doldurylýar. Görkezilen bölüm özleri barasynda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan aýratyn habar berilýän ýurtlaryň ygtyýarly edaralary tarapyndan doldurylmaýar;

3) arzanyň 11-nji we 23-nji bölümleri arzanyň berilen ýeri boýunça Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) arza iki nusgada düzülýär, olaryň birinjisi arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline gaýtarylyp berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Arza salgyt gullugynyň edarasyna berilen gününden soň 10 gün möhletde seredilýär. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, salgyt töleýjä şol möhletde ýazmaça habar iberilýär.

## VII. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy

7. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy hasaplamak we tölemek maksady üçin salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň şu görnüşleri bellenilýär:

**şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça beýannama** -şu Usuly görkezmelere № 26 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 197-nji maddasynda görkezilen şahsy taraplar şu salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 4-nji setirindäki hususy salgyt belgisini Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edarasy tarpyndan şol belgi berilen taraplar görkezýär;

4) beýannamanyň 12-nji, 66-69-njy setirleri beýannamanyň tabşyrylan ýeri boýunça salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

5) beýannamanyň 15-19-njy setirleriniň maglumatlary «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 195-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

6) beýannamanyň 20-nji setirinde hasaplanan girdejiniň umumy möçberi (salgyt tutulyp alynmazdan öň) hem-de salgydyň hasaplanan we tutulyp alnan möçberi görkezilýär;

7) beýannamanyň 22-nji we 23-nji setirleriniň maglumatlary «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 185-nji we 186-njy maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

8) beýannamanyň 24-nji setiri boýunça 22-nji we 23-nji setirleriniň möçberi görkezilýär;

9) beýannamanyň 26-30-njy setirlerinde salgyt tutulyp alynmazdan alnan (hasaplanan) girdejiniň umumy möçberi görkezilýär, şeýle-de diňe salgydyň tölenendigini tassyklaýan we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 198-nji maddasynda görkezilen resminamalaryň bar bolan ýagdaýynda, hasaplaşylmaga alynýan salgydyň möçberi görkezilýär;

10) beýannamanyň 34-38-nji setirleriniň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda doldurylýar;

11) salgyt töleýjiniň beýannamanyň 35-38-nji setirlerinde getirilen esaslaryň birnäçesi

boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, diňe bir esas boýunça (iň köp möçberde aýyrma emele gelýän esas) salgyt aýyrmasy ulanylýar, onuň möçberi 40-njy setir boýunça görkezijini hasaplamak üçin kabul edilýär. Şunda, beýannamanyň 40-njy setirindäki aýyrmalar beýannamanyň 31-nji setirinde görkezilen girdejiniň möçberiniň çäklerinde kabul edilýär;

12) 42-44-nji setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 189-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda doldurylýar;

13) beýannamanyň 45-nji setirinde 42-44-nji setirleriň möçberi görkezilýär;

14) beýannamanyň 46-njy setirinde 40-njy we 45-nji setirleriň möçberi görkezilýär;

15) beýannamanyň 48-nji we 49-njy setirleriň görkezijileri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 35-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda doldurylýar;

16) beýannamanyň 50-nji setiri boýunça görkeziji şeýle hasaplanýar – 31-nji setir goşmak 48-nji setir aýyrmak 49-njy setir;

17) beýannamanyň 51-nji setiri boýunça görkeziji şeýle hasaplanýar – 50-nji setir aýyrmak 46-njy setir;

18) beýannamanyň 53-nji setiriniň görkezijisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 167-nji maddasyna laýyklykda bellenilýär;

19) 58-nji setir boýunça görkeziji «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 192-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýär. «Edermenlik» medaly bilen sylaglanan adamlar üçin salgydyň möçberi 50 göterim azaldylýar;

20) beýannamada «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 187-nji maddasynyň 1-4-nji böleklerine laýyklykda salgyt özenine goşulmaýan girdejiler, şeýle hem 187-nji maddanyň 5-nji böleginde görkezilen taraplaryň girdejileri beýan edilmeýär, «Edermenlik» medaly bilen sylaglanan adamlardan başga;

**salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy degişli edilen şahsy adamlardan – hususy telekeçilerden alynýan girdeji salgydy boýunça beýannama (goşmaça patent tölegi)** - şu Usuly görkezmelere № 27 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 200-nji maddasynda görkezilen şahsy taraplar şu salgyt beýannamasyny berýärler;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 11-nji we 31-34-nji setirleri beýannamanyň berilen ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

4) beýannamanyň 13-16-njy setirleriniň maglumatlary «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 200-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

5) beýannamanyň 17-18-nji setirleriniň maglumatlary «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 35-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

6) beýannamanyň 19-njy setiri boýunça görkeziji şeýle hasaplanýar – 13-nji setir goşmak 17-nji setir aýyrmak 18-nji setir;

7) beýannamanyň 21-nji setiriniň görkezijisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 200-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

8) beýannamanyň 27-nji setiriniň görkezijisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 189-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

9) beýannamanyň 28-nji setiri boýunça görkeziji şeýle hasaplanýar – 19-njy setir aýyrmak 27-nji setir;

**hususy telekeçiler tarapyndan bellenilen patent töleginiň tölenendigine şaýatlyk edýän patent** – şu Usuly görkezmelere № 28 goşundy;

**patentiň berilmegi (onuň uzaldylmagy) üçin arza** – şu Usuly görkezmelere № 29

goşundy;

**hususy telekeçiler tarapyndan bellenilen patent töleginiň tölenendigine şaýatlyk edýän patentleri hasaba alynýan žurnal** – şu Usuly görkezmelere № 30 goşundy;

**salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýji – şahsy taraplara tölenýän girdejileriň möçberleri we salgydyň tutulyp alnan möçberleri hakyndaky güwänama** – şu Usuly görkezmelere № 31 goşundy;

**salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýji – şahsy taraplara tölenen girdejileriň we salgydyň tutulyp alnan möçberleri hakyndaky maglumatlar** – şu Usuly görkezmelere № 32 goşundy.

Maglumatlaryň degişli setirlerine düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 195-nji maddasynda görkezilen edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler maglumatlary berýärler;

2) maglumatlar basma harplarynda doldurylýar we maglumatlaryň möçber görkezijileri manatda ýazylýar, (görkezilen ýagdaýlarda töleg walýutasynda);

3) maglumatlaryň 15-nji, 36-njy, 37-nji setirleri maglumatlaryň berilen ýeri boýunça salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) maglumatlaryň 18-26-njy setirlerindäki görkezijiler maglumatlaryň berilýän döwründe, ýagny geçen aýda belli bir tarap haýsy şahsy taraplar babatynda salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş eden bolsa, şol şahsy taraplaryň ählisiniň girdejileri, hasaplanan we geçirilen salgytlary boýunça tutuşlygyna görkezilýär;

5) maglumatlaryň 18-nji setiriniň görkezijisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 185-nji we 195-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilýär. Şunda salgyt özeniniň umumy pul möçberi diňe hasabat döwründe (geçen aýda) tölegler boýunça, ýagny, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 190-njy maddanyň 1-nji böleginiň düzgünlerine laýyklykda, diňe şu döwürde girdejileriň hakyky alnan diýlip hasap edilenleri bellenilýär;

6) maglumatlaryň 19-njy setiriniň görkezijisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 192-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

7) maglumatlaryň 31-nji setiri we aşakdakylar boýunça:

1-3-nji sütünlerde maglumatlar pasportyň ýa-da şahsyýeti tassyklaýan başga reminamanyň maglumatlaryna berk laýyklykda degişlilikde türkmen (rus) dilinde we resminamany beren ýurduň dilinde ýa-da iňlis dilinde görkezilýär;

maglumatlaryň 5-nji sütüninde şahsyýeti tassyklaýan resminamanyň ady görkezilýär (raýatlyk pasporty, daşary ýurt pasporty, harby bileti, dogluş hakyndaky şahadatnamasy we ş.m.);

maglumatlaryň 9-njy sütüninde maglumatlar şeýle yzygiderlilikde görkezilýär: „GG/AA/ÝÝÝÝ“, şunda GG – aýyň güni; AA – aýyň belgisi; ÝÝÝÝ – ýyl;

maglumatlaryň 11-nji sütüninde salgy şeýle yzygiderlilikde görkezilýär: ýurt, poçta indeksi, dolandyryş-çäk bölünişiniň birliginiň ady, şäher (şäherçe, oba), köçe, jaý, öý;

maglumatlaryň 12-nji sütüninde girdejiniň görnüşi görkezilýär: zähmet haky, awtorçylyk haky, diwidendler we ş.m.;

maglumatlaryň 16-njy sütüninde salgyt ýeňillikleri bermeklige we girdeji salgydyndan boşatmaklyga esas bolup durýan resminamalar görkezilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 187-nji, 188-nji we 198-nji maddalarynyň düzgünlerini hasaba almak bilen);

8) daşary ýurtly şahsy taraplar baradaky maglumatlary görkezmek üçin setirleriň ýetmeýän ýagdaýynda, hasabata bellenilen görnüş boýunça goşmaça sahypalar goşulýar;

**şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň Türkmenistanda tölenendigi barada**

**tassyknama** – şu Usuly görkezmelere № 33 goşundy.

Salgyt töleýjiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň arzasynyň berilen gününden soň 10 gün möhletden gijä galman, Türkmenistanda şahsy taraplaryň alýan girdejileri üçin salgydyň tölenilendigi baradaky tassyknama salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan berilýär. Tassyknamany bermekden ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, arzaça şol möhletde ýazmaça habar iberilýär;

**iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, Türkmenistanyň dahylsyzy bolan şahsy taraplary şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyndan boşatmak barada arza** – şu Usuly görkezmelere № 34 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arzanyň 1-9-njy we 11-21-nji bölümleri şahsy tarap – arzaçy ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekili tarapyndan doldurylýar;

2) arzanyň 10-njy we 22-nji bölümleri arzanyň berilen ýeri boýunça Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

3) arza üç nusgada düzülýär, olaryň birinjisi we ikinjisi arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline gaýtarylyp berilýär, üçünjisi bolsa arzaçynyň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Arzanyň salgyt gullugy tarapyndan tassyklanylan ikinji nusgasyny arzaçy salgyt ýumuşçysyna iberýär we iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnamanyň (ylalaşygyň) düzgünlerini ulanmak we salgytdan boşamak üçin esas bolup durýar. Arza salgyt gullugynyň edarasyna berilen gününden 10 gün möhletde seredilýär. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, arzaça şol möhletde ýazmaça habar iberilýär;

**iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, Türkmenistanyň dahylsyzy bolan şahsy taraplara tölegleriň çeşmesinden tutulyp alnan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny gaýtaryp bermek üçin arza** – şu Usuly görkezmelere № 35 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arzanyň 1-10-njy we 12-21-nji bölümleri şahsy tarap – arzaçy ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekili tarapyndan doldurylýar;

2) arzanyň 22-nji bölümi arzaçynyň dahyllysy bolup durýan ýurdyndaky ygtyýarly edarasy tarapyndan doldurylýar. Görkezilen bölüm özleri barasynda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan aýratyn habar berilýän ýurtlaryň ygtyýarly edaralary tarapyndan doldurylmaýar;

3) arzanyň 11-nji we 23-nji bölümleri arzanyň berilen ýeri boýunça Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) arza iki nusgada düzülýär, olaryň birinjisi arzaça ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiline gaýtarylyp berilýär, ikinjisi bolsa arzaçynyň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Arza salgyt gullugynyň edarasyna berilen gününden soň 10 gün möhletde seredilýär. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmekligiň sebäpleri giňişleýin görkezilip, arzaça şol möhletde ýazmaça habar iberilýär;

**eklenjinde adam bardygy hakynda güwänama** – şu Usuly görkezmelere № 36 goşundy. Salgyt töleýjiniň eklenjindäki adam onuň ýaşaýan salgysyndan başga salgyda ýaşaýan halatynda, şunuň ýaly güwänama şeýle adam barasynda hem ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň guramasy tarapyndan berilmelidir.

## VIII. Mahabatlandyrma üçin ýygym

8. Mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamak we tölemek maksady üçin **mahabatlandyrma üçin ýygym boýunça beýannama** bellenilýär – şu Usuly görkezmelere №

37 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) salgyt beýannamasyny «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 201-nji maddasynda görkezilen taraplar tabşyrýarlar;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda ýazylýar;

3) beýannamanyň 12-nji setirindäki hususy salgyt belgisini Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edarasy tarpyndan şol belgi berilen taraplar görkezýärler;

4) beýannamanyň 15-nji we 29 – 32-nji setirleri beýannamanyň tabşyrylan ýeri boýunça salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

5) beýannamanyň 18-nji setiri boýunça maglumatlar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 202-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär. Şunda, çykdajylaryň düzümi we olaryň degişli döwri, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy hasaplamak üçin ulanylýan aýyrmalara degişlilikde kesgitlenýär.

6) beýannamanyň 19-njy we 20-nji setirlerindäki maglumatlar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 35-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

7) beýannamanyň 22-nji setirindäki maglumatlar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 203-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär.

## IX. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym

9. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy hasaplamak we tölemek maksady üçin aşakdakylar bellenilýär:

**şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym boýunça beýannama** – şu Usuly görkezmelere № 38 goşundy.

Beýannamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) salgyt beýannamasy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 209-njy maddasynda görkezilen taraplar tarapyndan berilýär;

2) beýannama basma harplarynda doldurylýar we beýannamanyň möçber görkezijileri manatda görkezilýär;

3) beýannamanyň 15-nji we 29-32-nji setirleri beýannamanyň berilen ýeri boýunça salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) beýannamanyň 18-nji setirindäki maglumatlar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 208-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

5) beýannamanyň 19-njy we 20-nji setirlerindäki maglumatlar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 35-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

6) beýannamanyň 22-nji setirindäki maglumatlar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 208-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda görkezilýär;

**şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň salgyt ýumuşçysy tarapyndan hasaplanylan we tutulyp alnan möçberleri hakynda maglumat** – şu Usuly görkezmelere № 39 goşundy.

Maglumatyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) maglumatlary «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 207-nji maddasynda görkezilen salgyt ýumuşçysy bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler berýärler;

2) maglumatlar basma harplarynda doldurylýar we maglumatlaryň möçber görkezijileri manatda görkezilýär;

3) maglumatlaryň 15-nji, 28-nji we 29-njy setirleri maglumatlaryň berilen ýeri boýunça salgyt gullugynyň edarasynyň işgärleri tarapyndan doldurylýar;

4) maglumatyň 18-25-nji setirlerindäki görkezijilerinde, haçan-da belli bir tarap şol şahsy taraplaryň salgyt ýumuşçysy bolup çykyş edende, tutuşlygyna ähli şahsy taraplaryň girdejileri boýunça umumy hasaplanan we geçirilen belli bir maksada gönükdirilen ýygym görkezilýär;

5) maglumatyň 18-nji setiriniň görkezijileri girdeji tölenýän hasabat döwrüniň her bir aýynda adamlaryň, olaryň sanyny goşmakdan alnan umumy sany hökmünde, maglumatyň 19-njy setiri boýunça bolsa «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 208-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bellenilýär;

